# Türkmenistanda ýapon dilini öwrenýänleriň sany artdy

Aşgabatdaky Ýaponiýanyň ilçisi Sasaki Hiroşi Täze ýyl gutlagynda Türkmenistanyň raýatlaryna ýaşlaryň arasynda ýapon dilini öwrenmäge bolan gyzyklanmanyň ep-esli artandygyny belledi.

Diplomat, diplomatik wezipede bolmagynyň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň işjeň ösýändigini belledi. Ol ýokary derejeli wekilleriň özara saparlarynyň bolandygyny, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň pugtalandyrylandygyny anyklaşdyrdy. Mundan başga-da, Sasaki Hiroşi 2015-nji ýyldan bäri ýapon dilini öwrenýän türkmenistanlylaryň sanynyň 50-den 16000 adama çenli artandygyny aýtdy.

Ilçi, täze ýylyň ähli türkmen halky üçin bagtly ýyl bolmagyny arzuw etdi we Türkmenistanyň prezidenti Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýa sapar eder diýip umyt bildirdi.

Все права защищены